# Ateist professoryñ musulman bolşunyñ we ilkinji okan namazynyñ hekaýaty

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ateist professoryñ musulman bolşunyñ we ilkinji okan namazynyñ hekaýaty ATEIST PROFESSORYÑ MUSULMAN BOLŞUNYÑ WE ILKINJI OKAN NAMAZYNYÑ HEKAÝATY

*Ateist professoryñ musulman bolşuny we ilkinji namaz okaýşyny gürrüñ berýän hekaýat okanlary biperwaý goýmasa gerek.*
*Makala matemika professory Jefferi Langyñ musulman bolanda beren interwýusyndan taýýarlandy.*

- **Ateist professoryñ musulman bolşunyñ hekaýaty**

Gürrüñi edilýän professoryñ musulman bolşunyñ hekaýaty şeýleräk başlapdyr:
«San Fransisko uniwersitetinde mugallym bolup işe başlan wagtlarym musulman bir talybym bardy. Ol gowy okaýardy, iñlis dilini suwara bilýärdi. Biz din barada söz açamzokdyk, biri-birimize haýsydyr bir zady subut etmäge çalşamzokdyk. Bir gün ol meni maşgalasy bilen tanyşdyrdy, öýlerine gitdim. Aradan birnäçe wagt geçdi, bir gün olar maña Gurhan sowgat berdiler.
Gurhany garşylyklaýyn nukdaýnazar bilen okap başladym. Hakykatdanam okap görmek gerek eken, ýöne düşünmesi kyndy. Kitap meniñ werziş bolan kitaplarymyñ dilinde däldi. Şonuñ üçin ýa oña boýun bolmalydy, ýa-da oña garşy göreşmelidi.
Bu göreşde meniñ içimi ýakan bir zadyñ barlygyny duýdum, sebäbi kitabyñ awtory meni menden has gowy tanaýardy. Hamala aklymy süzgüçden geçirip duran ýaly, her gije ýadyma düşen soragyñ jogabyny kitaby her gezek elime alanymda maña açyk-aýdyñ we gutarnykly şekilde öwredýärdi. Ençeme ýyllap kellämiñ içinde emele getiren diwarlarym ýer bilen ýegsan boldy,

şübhelerim ýekän-ýekän sypyrylyp düşdi. Bu söweşde ýeňilen tarap mendim. Maňa ýeke-täk çykalga galypdy: olam Hudaýa iman etmekdi.
Uniwersitetiň buthanasynyň bir gatynda musulman talyplaryň namaz okaýan metjidi bardy. Ýüregimi bire düwüp, ol ýere gitdim we kelemämi öwürdim. Kelemämi öwrenden soň öýle namazynyň wagty golaýlaşdy.
Metjitde Hasan atly bir gardaş belent heňde azana gygyrdy. Ol iň öňde durdy, egninde akly-garaly eşigi bardy, öňünde-de penjire, penjireden içerik düşüp duran yşyk… Eý Hudaý, bu meniň uzak wagtdan bäri görüp ýören düýşüm bilen bire-bir gabat gelýärdi. Men ýene-de düýşümdir öýdüp şübhelenip başladym. Ýok, ýok, düýşüm bolmaga haky ýok. Endamym titräp, gözlerimden boýur-boýur ýaş akýardy.

## ■ Professoryň ilkinji namazy

Musulman bolan günüm metjidiň ymamy maňa namaz okalyşyny öwredýän kitap berdi. Emma musulman talyplaryň meni alada edişlerini gördüm. Olar maňa: «Gyssanma, özüňi arkaýyn alyp bar, kem-kemden öwrenersiň» diýdiler. Men öz-özüme: «namaz şolar ýaly kynmy näme?» diýdim-de, talyplaryň maslahatyna üns bermän, derhal wagtly-wagtynda bäş wagt namazymy okamaga başladym.
Ilkinji gezek namaz okamaga synanyşamda ýassy namazyndan başladym. Wagt gijäň ýarysydy. Kitaby alyp hammama girdim. Kitapda görkezilişi ýaly täret aldym. Täret alyp bolanymdan soň gapylary-penjireleri ýapyşdyrdym we otagyň ortarasynda kybla tarapa ýüzümi öwrüp durdum, uludan demimi aldym we uly ses bilen «Allahu Ekber» diýdim.
Yns-jynsyň meni eşitmegini we görmegiji islämokdym. Ýuwaşlyk bilen «Elhamy» we gysga süreleriň birini arapça okadym. Ikinji tekbirden soň rukuwa egildim. Rukuwa egilenimde, biraz özümi ýaramaz duýdum, sebäbi men ömrümde ýeke gezek hiç kimiň öňünde egilen adam däldim. Otagymda özümden başga adamyň ýokdugy ýadyma düşensoň arkaýynlaşdym. «Subhane Rabbiýel Azym» diýenimde ýüregimiň urgusynyň çaltlaşýandygyny duýdum.

Gaýtadan tekbir getirip dikeldim. Ýene sejdä egilmegiñ wagty gelipdi. Sejdä egilmek üçin ellerimi we dyzymy ýere goýanymda doñup galdym. Sejdä egilip bilemokdym! Hojaýynynyñ öñünde başyny goýan gul kimin ýüz-gözümi, burnumy ýere oýkap, özümiñ peslik hasap edýän ýagdaýyma düşüresim gelenokdy. Üstesine aýaklarymy-da epläp bilemokdym. Utanyp ýere giräýjek boldum. Gülkünç ýagdaýa düşendirin öýtdüm.
Bu ýagdaýda meni gören dost-ýarlarymyñ, tanyş-bilişlerimiñ öñünde nebsagyryjylykly we ýañsylaýjy hala düşdüm diýip hasap etdim.
Dostlarymyñ gülki seslerini eşidýän ýaly müýnürgedim.
Bir salym ikirjiñlenip duramymdan soñ uludan demimi aldym-da, başymy namazlyga goýdum, aklymdaky ähli pikirleri bir ýana zyñdym. Ünsümi sowaýjak pikirlere maý bermän ikinji sejdäme-de egildim.
Şol wagt öz-özüme «öñümde ýene üç tapgyr bar» diýdim, ýöne başlap taşlamak niýetinem ýokdy. Näme bolsa bolsun edip namazy tamamlamakçdym. Galan rekagatlarda işim añsatlaşdy. Soñky sejdede eýýäm özümi duýşum başgaçady. Iki egnime salam berenden soñ oturan ýerimden turmadym.
Yza göz aýlap nebsime garşy giren söweşimi aklymdan geçirdim, bir uly söweşden çykanymy duýdum, soñra başymy öñe egip:
«Allahym, öñki bolşum üçin meni bagyşla, uzak ýerden ýol aşyp geldim, entek öñümde aşmaly uzyn ýol ýatyr» diýip, dileg-doga etdim.
Şol wagt öñ başdan geçirip görmedik bir ahwaly başdan geçirdim. Muny söz bilen beýan etmek mümkin däl. Endamymyñ, ýüregimiñ bir ýerinden süzülip çykyp, manysyna düşünmekden ejiz gelýän bir sowuk güýç gaplap aldy. Şobada irkilip galypdyryn. Endamyma ýaýran güýçden zyýada duýgularymy gipnozlap goýdy. Görnüp guran rehmetiñ barlygyny duýdum. Bu rehmet soñra içime aralaşyp, içimde lakyrdap gaýnap başlady. Yzyndanam hiç bir sebäpsiz aglamaga başladym. Gijesi bilen başyk egik halda dyzymyñ üstünde sarsman oturdym.
Aglap içimi gowzadansoñ, bolýan zatlary akyl ýoly bilen düşündirmegiñ mümkin däldigine göz ýetirdim. Şol wagt meniñ akyl ýetiren ýene bir zadym: meniñ Hudaýa we namaza juda

mätäçdigim baradaky hakykat boldy. Ýerimden turmanka şu dilegi etdim:
«Allahym, indi meni küpüre girmäge het etsem, meni ol küpüre girmänkäm öldür we meni bu durmuşdan alyp çyk. Ýalñyşman, büdremän ýaşamagyñ juda kyndygyny bilýärin. Emma şuny has gowy bilýärin: ýekeje günem bolsa Sensoz ýaşamak, Seniñ barlygyñy inkär etmek mümkin däl».

@ Kitapçylar. Geň-taňsy wakalar